# Zyndanda ýanan şem -24/ dowamy

Category: Kitapcy,Medisina,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zyndanda ýanan şem -24/ dowamy * * *

Türmäniň uzyn koridorynda gatnaw başlandy. Tapyrdy-dükürdi, ala-goh. Tussaglary çekene bölýän ýaly bölýärdiler. Kim etap bilen daşy-içi demir kapasa dykylyp, nirädir bir ýerlere ýurt aşyrylyp iberilýär. Kimler eden etmişleri üçin jogap bermäge «hakykat» öýüne suda gidýär. Kim derňewe, birdir ýarymy boşap, öýlerine gaýdýanlaram tapylýar. Bizi welin, günde iki sapar gözden geçirip, owlak sanan ýaly sanaýardylar. Soňra ertirlik berýärler. Bir geňlärli zat – oda bolsa sen ýatmaly. Ähli zadyň, iýer-içeriniden başlap, tä, suwuňa çenli üstüňe getirilip berilýär. Ýöne işikden däl-de, deşikden. Agramy dört put gara gapa açylma ýok. Ähli zat haýwanat bagynda saklanýan ýyrtyjylaryňky ýaly, şol bir agzy çoýun gapakly, ýörite deşijekden äberilýär. Berilýän nahara iştälimiň, iştäsiz, suwukmy ýa goýy, şormy ýa ýuwan, arzyň diňlän tapylmaz. Iýseň-ä ine, ýarma, iýmeseňem özüň bil. Açlygyňa çydasaň müň ýaşa, çanagyňy äber yzyna. Ýöne welin, medisina hyzmaty örän oňat. Wraç Faina Petrowna:
– Ýigitler, nähili ýagdaýlar! Başyňyz-gözüňiz agyrman, sag-aman ördüňizmi diýip, seslener welin, biziň barymyz kapasada saklanýan bedene ýaly deşigiň agzynda.
Daýaw göwreli, orta boýly, çüri burun, gür gaşly, ýuka dodak, tegelek ýüzli bu aýal, görk-görmekden bir eýýäm galandygyna garamazdan diýseň edenli, mylaýym. Elinden gelse ýüküňi ýeňletjekdigi aç-açan bilnip dur. Ol ine biziň gapymyza geldi.
– Ýagdaýlaryňyz nähili, ýigitler?!
– Ýaman däl, Faina Petrowna, sag boluň! – diýip, biz balalar bakjasynyň çülpeleri ýaly ählimiz birden jogap berdik.
– Gurban Jumaýew!
– Men, Faina Petrowna.

— Seň ýagdaýyň nähili?
— Gowy, Faina Petrowna, sag boluň!
— Jenaýatçam bolsaňyz, siz meniň üçin adam. Wraçyňam borjy keselliniň kimdigine garamazdan ony bejermek, keselden, ýaradan halas etmek. Jenaýatçylar hökmünde siz bilen goý, prokurorlar, sudlar iş salyşsyn. Hany, ýaraňy görkez — diýip, ol maňa ýüzlendi. Men köýnegimiň bir ýeňini açdym. Ol deşige dykan bolan egnimi gowuja synlap, posalak barmaklarynyň ujy bilen kesmekläp duran ýaramy eýläk-beýläk sypady.
— Bolupdyr, örän gowy. Indi saňa derman-serman gerek däl. Ýöne, ýaraly egniňe azar berme, aýawly sakla. Oňarsaň, şu egniňe ýatma hem — diýip, arzyly deşijegiň agzyny ýapyp, goňşy kamera geçip gitdi.
— Ine, gördüňmi! Ähli adam şeýle bolaýsa-da — diýip, ýerime geçen badyma, gapy täzeden açyldy.
— Gurban Jumaýew!
— Men Gurban Jumaýew.
— Ýör!
— Nirä graždanin naçalnik!
— Izolýatoryň naçalnigi, podpolkownik Gerasimow çagyrýar.
«Onäme üçin çagyrýarka meni» diýip, böwrümi diňläp, oýlana-oýlana nobatçynyň öňüne düşdüm.
— Gurban hany aýak çek. Eşikleriňi gowuja düzet. Ilikleriňi ildir. Köwşüň baglaryny daň. Onsoňam bärik gel! — diýip, nobatçy meni, saçymy gaýçy bilen gyrkanyň däl-de, özüm ýaly tussag dellegiň ýanyna eltdi.
— Mätkerim aga! Şu ýigidiň saçyňy, sakgalyny syr. Ýöne gowyja, eşitdiňmi?
— Üzetämiz, aga!
Dellek meni ýörite oturgyçda oturdyp, ilki başymy, soňra sakalymy syrdy. Soň:
— Ýaňky nobatçyny tanaýaňmy? diýip, howlukman, aýasynyň ýumry ýerine päki çalyp durşyna sorady.
— Ýok. Men bu «jennet» öýüne ýakynda geldim. Onsoňam ýapyk gapynyň aňyrsynda otyrkaň kim saňa özüni tanatsyn. Men diňe Welini tanaýan.
Dellek, birden hereketlerini bes edip, ýüzüme çiňňerildi.

Elinde oýnap duran päkisiniň tygyny syryp-süpürip, gabyna saldy-da, maňa tarap öwrüldi.
— Welini işden kowdular.
— Kowdular? Aý, ýog-a?!
— Bir hepde-hä boldy. Indi ol bu ýerde işlemeýär.
Dellegiň beren bu habary meni begendirdi. Diriň-diriň böküberesim geldi. Hälem dellekden utanyp ýylgyrmak bilen oňaýdym. Be-e-e! Bu kimiň işikä? Ýa meniň arzamyň netijesimikä? Belkäm, Faina Petrownadyr. Kimem bolsa tüýs oňarypdyr, ýerine düşüpdir.
Nobatçy meni naçalnigiň kabinetine girizip, özi işigiň iç ýüzünde duruberdi.
— Jumaýew, hany gel, maňa golaý otur — diýip, kabinetiň eýesi ozal meni telim ýola gören adam ýaly ýüzlendi. Saçym-sakgalym syrylyp, tenime birneme tämizlik aralaşanynamy, ýa-da Welili habardan soňramy, bilemok, garaz, birneme şähtim açyldy.
— Ýagdaýlaryňyz nähili?
— Sag boluň, graždanin podpolkownik, şu häzir-ä erbet däl.
— Elbetde, bu ýeriniň şerti öýdäki ýaly däl. Belli bir kada öwrülip giden bu ýagdaýy gowulyk tarapa üýtgedip hem biljek däl. Bu prokurotura tarapyndan ýörite kesgitlenilen şertli kadalar. Biz oturan tussaglaryň gününe gün gpşup, ondan kemäbem bilemizok. Ony diňe prokurotura bilen sud çözýär. Biziň wezipämiz şu ýere getirilip, elinje bize tabşyrylan tussaglara gözegçilik edip, çopan bolup, olary ýitirmän, tükel saklamakdan ybaratdyr. Siz bir bisowat adam däl. Bu zatlaryň hut şeýledigine bizsizem düşünmän duraňyzok. Men ep-esli wagt bu ýerde ýokdum. Zähmet rugsadynda boldum. On barmagyň deň däl. Adamlaram edil şeýle. Kimiň nähilidigini birbada biläýmek kyn. Wagt geçip, olar assa-ýuwaş saýlanýaram welin, ýöne şoňa çenli myrtar adam etjegini edýär-dä. Men siz bilen bir bolup öten bir gürrüňi eşidip gynandym. Seni hol köçede «selpäp ýören hülgentler bilen deňäp bolarmy. Ine gördüňmi, bu haýwanlaryň derdinden dynç hem alyp bolanok.
Sizi bu kabinete çagyrmakda maksadym ol haramzada dereksizden ötünç soramak. Türmä basylan adamlary şeýdip horlaýarlar ekeni diýen düşünjäni kelläňizden aýryň. Beýle zat ýok, bolup hem

bilmez. Ýene-de bir zat. Ynha, meniň öňümde siziň arzaňyz. Arzaňyzda ýazýan faktlaryňyzyň hemmesini biz birin-birin barladyk…
Podpolkownik Gerasimow sözüne dyngy berdi. Ýöne onuň saňky sözi näme üçindir göwnüme jaý bolmady… «Eger-de siz meniň şikaýatlarymy dogrudanam, diýşiňiz ýaly derňän bolsaňyz, mendenem bir agyz söz soran bolmazmy» diýip, tas gygyrypdym. Emma özümiň tussagdygym ýadyma düşüp «Bary ýalan» diýip içimi hümletdim-de oňaýdym. Eline alan kagyzlarynyň birinde nazaryny «saklan podpolkownik demsalymdan başyny galdyryp dowam etdi.
– Faktlar dogry tapyldy. Howa, howa. Ýagdaýyň hut şeýledigini izolýatoryň wraçy, harby medisina gullugynyň maýory Faina Petrowna Bryks hem tassyklady. Bu elbetde gödeklik. Ýok, ýok men bärden gaýdýan. Bu jenaýat. Gulluk wezipesine daýanyp, gulp astynda saklanýan tussaga – ýerliksiz azar bereni üçin Nadziratel Weli Ismailow işinden boşadyldy. Ol häzir goşmaça hojalykda doňuz çopany wezipesinde işleýär.
– Siz indi arkaýyn boluň. Azar beren tapylmaz – diýip, naçalnik mylakatlyk bilen meni kabinetinden çykaryp goýberdi. Kän wagt bäri özüm bilen deňme-deň, şeýle mylaýym gürleşen adama gabat gelmändigim üçin etim-derim giňedi. Hamana diýersiň, özüm bilen hiç zat bolmadyk ýaly, öýke-kinäni unudyp, koridora çykdym. Meni naçalnigiň ýanyna getiren nobatçy-da dälizde ýokdy. Näderimi bilmän duruberdim.
Bu ýerde koridor o diýen uly däl. Şoňa garamazdan içi hemişe adamla meňzeýär. Kimse girip gelýär, kimler çykyp barýar. Garasaý, her kimiň öz işi, öz aladasy. Habarymy soraýan ýok. Sadylla bolup durkam nireden, haýsy gapydan çykanyny bilmedim gapdalymda bir ofiser dur.
– Familiýaňyz kim?
– Jumaýew – diýip, jogap berdim.
– Bu ýerde näme üçin dursuň.
– Naçalnik çagyrdy.
– Hany ýör! Çagyran bolsa, gir ýanyna. Ýogsam bu ýerde beýdip durmak bolanok. Gadagan. Düşündiňmi?
– Düşündim, graždanin naçalnik, ýöne men…
– Gir!

– Girmäýin graždanin naçalnik.
– Näme üçin. Naçalnik çagyrdy diýýäň-ä?!
– Boldum oň ýaňynda. Kabinetinden häzir çykyp durşum.
– Onda nämä dursuň koridorda. Kim seni bu ýerik getirdi?
– Nobatçy.
– Hany, ol npbatçy?
– Bilemok.
Ofiser derrew naçalnigiň kabinetine girip gitdi. Soňra-da salymyny bermän yzyna dolandy.
– Ýör.
Ofiser meniň bilen bile administratiw korpusdan çykyp, türme jaýlarynyň biriniň işiginden girizip yzyna dolandy.
Ine, şeýdip gara diwarly, bu gara koridoryň on-on bäş metrlik ýoluny yzym «çopansyz», ýeke özüm geçdim. Bu elbetde, meniň üçin henize çenli görülip-eşdilmedik täzelik boldy.

■ «GYZYL KALINA»

Guşgursak bugdaýyň mele nanyny dannap iýýän başyma, duzly balyk bilen gara çörekden doýup uklapdyryn. Şeýle halatlarda görýän düýşüňem bir äteňet, manyly däl. Men erkinmişim. Özem gijemiş. Türmede däl-de, öýümizde ýatanmyşym. Birden bir ýerden bir harasat peýda bolup, howlymyzyň içinde uly gopgun turuzýar-da, meniň ýatan otagymyň üçegininiň ýarysyny goparyp alyp gidýär. Ine, şu aýylganç waka hopugyp oýansam, ýoldaşlarym ala-goh gara çörekden ýasalan mallar bilen küşt oýnap otyrlar.
– Wolodýa!
– Hä..
– Hany, Sapar?
– Sapary ugratdylar. Ol Baýramala gitdi. Onuň ýerine ine, Hoja geldi diýdi. Ýüzün düşüp ýatyşyma täze gelen tussagy synladym. Giň maňlaý. Göniden gelen burnunyň üstünde tagma bolup galan peşehorda ýigidi betnyşan görkezmegiň ýerine oňa sadalyk hem-de mylaýymlyk berýärdi. Mölerlip duran goýun gözleri gussadan doly bolup, ony içgin synlan adama ýigidiň kalbyny bir pynhan ýerinde çöküp ýatan ahmyrynyň bardygyny aňladýardy.

– Näçe ýyl berdiler? – diýip, oňa ýüzlendim. Ýigit jogap bermäge howlukmady, gaýtam sorag berdi.
– Sen Gurban dälmi?
– Hawa.
– Onda ýör, kameradan çykaly.
– Nädip çykjak.
– Men şu ýerde, türmäniň içinde işleýän tussaglaryň brigadiri.
– Işleýänem barmy, bu gazamatda? – diýip, men geň galdym.
– Kän.
– Olar näme iş edýärler.
– Howlynyň içini syryp-süpürýärler. Aşhanada işleýänleriň, nahar paýlaýanlaryň hemmesi tussag. Dört-bäş ussa bar. Olar agaç işleri bilen meşgul, ýylylyk merkezini bejerýänleri bar. Elektrik ädikçi, tikinçi bar. Kir ýuwýanlaram şolar. Daş ýüzünden sklat gurýarlar. Ýöne ýatyberseňem ýüregiň gysar. Isleseň men seni alyp gideýin, ýör! Naçalnikden rugsat almak meniň bilen. Näçe wagtdan bäri ýatyrsyň?
– Iki aý boldy.
– Ýüregiň gysanokmy?
– Ýürek gysanda nädeýin, alaç näme. Gapyň gulply, işiginde sakçy.
– Hojalyk işlerinde işleýänleriň ýatýan ýeri beýle däl. Gapymyz açyk. Islesek çykýas, islesek ýatýas. Tertip-düzgüni pozman gezseň boldugy. Güýmenibermeli. Ýadasaň dynç al, çaý iç. Kitap oka, gazet žurnal bar.
Men bir bada gulaklaryma ynam etmedim. Krowadymyň üstünden ýere düşüp diklendim. Küşt oýnuna gyzyganam bolsa, kameradaş ýoldaşym Aman, Hoja bilen meniň eden bu gürrüňimi eşiden ekeni. Ol küşt tagtasyndan ýüzüni galdyrman.
– Jan Dogan, hajathana arassalamalam bolsa men taýýar, dost gaýrat et, menem şu ýerzeminden çykar – diýip, oýundan ünüsini sowup bize öwrüldi.
– Çykmaz – diýip, Amanyň ýoldaşy dünýäsini unudyp göçüm etdi. Küşt oýnunyň humaryndan bihabar Hoja muňa ters düşündi-de, herreldi.
– Näme?
– Açmaz – diýýän diýip, küştçi adam başyny hem galdyrman jogap

berdi.
– O näme üçin açmaz ol. Maňa islän kamerama girip adam saýlamaga rugsat berdiler – diýip, küştçiniň jogabyna özüçe düşünen Hoja döşüni gaýşartdy.
– Men saňa diýemok, how, gardaş, küşdüň göçümine diýýän – diýip, Amanyň küşt oýnunda garşydaşy howlukman ýagdaýy Hoja düşündirdi.
Hoja gapa baryp, bir-iki, ýola pitikläp, tyrkyldatdy welin, darajyk gara gapy açyldy. Men Hoja bilen kameradan çykdym. Aman welin, lapy keçlik bilen gözlerini tegeläp yzymdan garap galdy.
– Hoja, sen meni nirä alyp barýaň?
– Häzir saňa ýaşajak ýeriňi görkezeýin. Soňra türmäniň komendantynyň ýanyna baryp rugsat alarys – diýip, Hoja özi tussag däl ýaly gürledi. Yzyndanam:
– Meniň bolýan otagymda bir krowat boş, seni şol oglanyň ýerine alýarys – diýdi.
– Ol nähili oglan, nähili iş?
– Ol oglan ogry. Awtobusda bir aýalyň sumkasyny kesip durka tutulypdyr. Nahar paýlaýançydy bu ýerde. Akmak adam her ýerde-de akmak-da. Garnyň dok, arkaýyn ýatyp-turýaň. Hepdede iki gezek kino görüp bilýäň. Onsoň näme gerek saňa.
– Näme etdi ol?
– Nahar berip ýörkä derňewdäkileriň biriniň hatyny alyp, ikinji bir kamera berýär. Ýöne iň erbet zat şudur, ahmal bolma.
– Onyň dogry, Hojam. Ýöne men ol oglan ýaly nahar paýlamagy başarman. Gowusy, meniň ýerime Amany alaý – diýip aýak çekdim. Hoja menden beýle sözlere garaşmadyk bolsa gerek. Goltugymdan tutup öňe çekdi.
– Ýör. Ýa walla, senem-ä. Hökman nahar paýlaýançy bolmalymy, bu ýerde başga ýerlerem kän – diýdi. Garaşylmadyk ýerden Hojanyň maňa beýle hossar çykmagyna begensem-de, koridorda gezip ýören açarçy nobatçylara gözüm düşende, şolaryň arasynda Weli bar ýaly, aýaklarym ysgyndan gaçyp, biri-birine çolaşaýjak ýaly bolýardy. «Bä… Özi-hä biz ýaly tussag, ýöne welin, bolaýşyna seret, kameralary islän wagty açyp, islän

wagty hem ýapyp bilýän bolsa, bu nähili adamka? Ýa-da brigadire şeýle ygtyýar berilýärmikä? – diýip, gelşime ýogyn-ýogyn demirlerden ýasalan gözenek gapylaryň teliminden, ötlem-ötlem ötüp, howla çykdyk. Tiň howlynyň ortasynda fontan görnüşli suw basseýininiň golaýynda oturan bir düýp agajyň aşagyndaky uzyn oturgyçda meni ýeke goýup, Hoja nirädir bir ýere gitdi. Gapysy petiş, ömüralla Gün şöhlesi düşmedik, dymyk kamerada iki aýlap ýatyp, bu gün, ýüpüni üzen bedew ýaly, azat bolmasam-da, türmäniň giň howlusyna ýaragsyz, özbaşdak çykarylmagym depämi göge diredi. Begenjimi içimde saklap bilmän, dylym-dylym edip, töwerek-daşyma ýaltaklap otyrkam, gaýa çeken bulut ýaly üstüme bir göwre abandy.

– Adyň näme?

Serimi gaplan süýji-süýji hyýallar üstüne çagba ýagan ýüňe döndi. Ofiseriň şaňňy sesi gulaklarymyň içiňde böwen ýarylan ýaly bolup, ýakymsyz eşidildi.

– Gurban Jumaýew, 52-nji kameradan – diýip ýerimden zöwwe galamda ýüzüme ýalyn çabran ýaly arkan serpildim.

– Kim seni kameradan çykardy?

– Brigadir.

– Brigadirem bolsa bolanok. Seniň süregiň kän. Iki-üç ýyl gulp astynda oturmasaň, seni hojalyk işlerine işletmek bolanok – diýdi. Ýüregim jigläp gitdi.

Ofiseriň, soňky sözlerini eşitmedim. Lal bilen ker duşuşan ýaly gürrüňdeşimiň gansyz gaýadan gaçan bir bölek daş ýaly guraksy ýüzüne çiňňerilip galyberdim.

– Prokuror diýibem bir zat bar, ine, tussagyň hojaýyny şolar. «Ýalkasa ýaz, gargasa gyş». Prokuratura bizem erkimize goýanok. Ýogsam, siz ýaly hatly-sowatly adamlar kän. Olar beýlekiler ýaly düzgün-nyzam pozup duranoklar. Ýerzeminden çykaryp iş berseň, işlejeklerem. Arman hakymyz ýok. Siziň kameradan çykarlanyňyzdan entek olar bihabar. Biläýseler dagymy, dat günümize, derimizi boýnumyza getir – diýip, ofiser özüniň tussaglardan sähelçejik parhynyň bardygyny maňa janygyp-janygyp düşündirdi.

Men Hojanyň gelerine-de garaşman, Döwkesen gowagyň girelgesi ýaly garalyp duran gapa tarap ýöräberdim.

– Nirä barýaň?
– Kamera.
– Hany, bäri gel. Ýagdaý şeýle-de bolsa, biziň naçalnigimiz gowy adam. Seniň bilen bagly bolup biläýjek bar gykylygy üstüne alyp, ol saňa hojalyk brigadasynda işlemäge rugsat berdi. Brigadir saňa ýatmaly ýeriňi görkezdimi?
– Hawa.
Ofisere jogap bersemem berdim welin, göwnüme bolmasa, sesim keseki bir adamyň owazy ýaly bolup eşidildi.
– Mundan ozal türmede oturyp görüpmidiň?
Ofiseriň bu soragy tenime gamçy bolup degdi.
– Ýok.
Onda bek belle. Şu giň howlynyň içinde sen erkin, meniň beýle diýdigim, islän ýeriňde entäp ýörmeli diýdigim däl. Bu ujypsyz erkinligiňem bir öz şerti bar. Bek belle. Her kim bilen lakgyldaşyp ýörmeli däl. Aýratynam kamerada oturanlar bilen gürleşmeli däl, gadagan. Hat alyp, hat bermek dagy jenaýat. Şeýle ýagdaýlar ýüze çykaýsa, onda saňa bu ýerden çykmak ýok. Eger-de sen gowy işläp düzgün-nyzamy bozmasaň, kanun saňa birgiden ýeňillikler berer. Has dogrusy, ýarym süregiňi geçirip, hut öýüňe goýberilip hem bilersiň – diýdi.
Şaňňy sesli agzyňdan köpük syçyrap duran bu adam bir bada kalbymda ýigrenç döredenem bolsa, indi ol üýtgäp, hut maňa azatlyk berip biljek ýeke-täk gudrat bolup göründi.
– Sag boluň, graždanin naçalnik!
– Biz izolýatoryň1 daş ýüzünde tussaglaryň güýji bilen gurluşyk edýäris. Sklat hemem bir ýaşaýyş jaý gurýarys. Bu gün giç boldy. Dynjyňy al, erte işe çykarsyň – diýip, ofiserem meni ýeke goýup gitdi. Ine şeýdip dört diwaryň arasynda daňylyp ýatmakdan dyndym.
Hojalyk işlerinde işleýänler dogrudanam kän ekeni. Nahar bişirip aş paýlaýarlar, kir ýuwup, möhür basýanlar, dellek, hammamçylar, tikinçiler, ussalar hünärmentler. Garasaý kän. Hut öz kinoçylaram bar ekeni. Meniňki şowuna düşdi. Gulp astyndan çykan ilki günüm kino gezegine gabat geldi. O-da «Wasiliý Şukşiniň «Gyzyl Kalinasy».
Kino derrew gutardy. Ýöne kino görýän tussaglar-a beýle-de

dursun, ofiserlerem birbada ýerlerinden turmady. Kinonyň täsiri bilen uzak oturdyk. Ahyry nobatçy gelip, bizi «örüzdi. Hatara düzüldik, sanadylar. Dargadyk. Her kim ýatak jaýyna sümdi. Powestler